“Lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmek arkaly Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek" atly Grant taslamasynyň çäginde lukmancylyk enjamlaryny Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministriligine gowşurmak dabarasy

2021 ýylyň 20-nji dekabry

Şu gün, 2021-nji ýylyň 20-nji dekabrynda “Lukmançylyk enjamlary bilen üpjün etmek arkaly Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek" atly Grant taslamasynyň çäginde satyn alnan “FUJIFILM” ýapon kompaniýasynyň ilkinji lukmançylyk enjamlaryny Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine gowşurmak dabarasy geçirildi. Bu dabara Ýaponiýanyň Türkmenistandaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi jenap ÝAMAMOTO Hiroýuki, BMG-nyň hemişelik utgaşdyryjysynyň wagtlaýyn ýerine ýetirijisi, ÝUNISEF-iň wekili jenap Mohammad FAYAZI, BMG-nyň Taslama hyzmatlary boýunça müdirliginiň (ÝUNOPS-yň) Türkmenistandaky Taslama Dolandyryjysy jenap Wasiliý TOLKAÇEW, şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň wekilleri we metbugat işgärleri gatnaşdy.

Şu günki waka, şu ýylyň mart aýyndaky Ýaponiýanyň Türkmenistandaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi jenap ÝAMAMOTO Hiroýuki we şol wagt BMG-nyň hemişelik utgaşdyryjysynyň wagtlaýyn ýerine ýetirijisi, ÝUNISEF-iň wekili hanym Kristin WEÝGANDYŇ arasyndaky alyş-çalyş resminamalarynyň gol çekişlik dabarasyndan başlanan uly işiň netijesidir.Ýaponiýanyň ilçisi jenap ÝAMOMOTO öz çykyşynda bu taslamanyň diňe bir Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmäge goşant goşman, eýsem ýapon we türkmen halklarynyň arasyndaky dostlugyň, agzybirligiň we özara goldawyň nyşanyna öwrüljekdigine ynamyny bildirdi.

Umumy bahasy takmynan 3 million ABŞ dollaryna barabar bolan bu taslamanyň çäginde Ýaponiýanyň hökümeti ÝUNOPS arkaly türkmen lukmançylyk edaralarynyň ulanmagyna göçme rentgen enjamlaryny, öýkeniň emeli howa çalşygy enjamlaryny, döwrebap ultrases enjamlaryny, bronhoskopiýa ulgamlaryny we beýleki lukmançylyk enjamlary bilen üpjün eder. Bu taslamany durmuşa geçirmegiň indiki tapgyry, daşary ýurtda öndürilen lukmançylyk enjamlarynyň ikinji toparyny üpjün etmek, Türkmenistanyň lukmançylyk edaralarynda mundan beýläk-de gurmak we degişli lukmançylyk işgärleriniň hünär taýýarlygy bolar.